Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— YLYM WE BILIM JEMGYÝETIŇ HEM-DE DÖWLETIŇ HEMMETARAPLAÝYN SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINI ÜPJÜN ETMEGIŇ BERK BINÝADYDYR.

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR

# MUGALLYMLAR GAZETI

Gazet 1952-nji ýylyň 11-nji ýanwaryndan bäri çykýar.

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

2026-njy ýylyň 21-nji ýanwary

№ 6 (10448)

ÇARŞENBE




## HALK BÄHBITLI BEÝIK IŞLER

***19-njy ýanwarda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we welaýatlarda alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.***

Ilki bilen, Ahal welaýatynyň häkimi T.Nurmyradowa söz berildi. Ol welaýatda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda bugdaý ekilen meýdanlarda möwsümleýin ideg etmek, hususan-da, ekini mineral dökünler bilen iýmitlendirmek işleri alnyp barylýar. Gowaça ekişine taýýarlyk görmek maksady bilen, meýdanlarda sürüm, tekizleýiş, geriş çekmek, topragy mineral dökünler bilen gurplandyrmak işleri guramaçylykly ýerine ýetirilýär. Pagtaçy babadaýhanlary ýokary hilli tohum bilen üpjün etmek üçin gowaça tohumyny taýýarlamak, ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny abatlamak, talabalaýyk saklamak boýunça zerur işler alnyp barylýar. Ýeralma we gök-bakja ekinleriniň ýazky ekişine taýýarlyk görmegiň çäklerinde olaryň ekiljek ýerlerini we tohumlaryny taýýarlamak, ekin meýdanlarynyň meliorativ ýagdaýyny gowulandyrmak babatda zerur çäreler görülýär.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzda azyk bolçulygyny üpjün etmekde oba hojalyk pudagynyň möhüm ähmiýetine ünsi çekdi hem-de welaýatyň ekerançylyk meýdanlarynda ýaýbaňlandyrylan möwsümleýin işleriň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ýerine ýetirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Balkan welaýatynyň häkimi H.Aşyrmyradow welaýatyň ekerançylyk meýdanlarynda alnyp barylýan oba hojalyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda welaýatyň bugdaý ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg etmek, hususan-da, ekini mineral dökünler bilen iýmitlendirmek işleri ýerine ýetirilýär. Gowaça ekiljek meýdanlarda tekizleýiş we geriş çekmek, pagta öndürijiler üçin gowaça tohumyny, ýazky ekiş möwsüminde ulanyljak tehnikalary ekişe taýýarlamak işleri alnyp barylýar. Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmak barada berýän tabşyryklaryndan ugur alnyp, welaýatda ýeralmanyň, gök-bakja ekinleriniň ýazky ekiş möwsümine taýýarlyk işleri alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, möwsümleýin oba hojalyk işlerinde ylmy taýdan esaslandyrylan agrotehniki kadalaryň berk berjaý edilmeginiň geljekde ekinlerden bol hasyl almagyň esasy şerti bolup durýandygyny belledi we bu babatda häkime anyk tabşyryklary berdi.

Daşoguz welaýatynyň häkimi D.Babaýew welaýatda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi. Hasabatda nygtalyşy ýaly, häzirki wagtda welaýatdaky möwsümleýin oba hojalyk işleriniň çäklerinde şu ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek meýdanlarda sürüm, tekizleýiş, topragy mineral dökünler bilen gurplandyrmak işleri utgaşykly dowam edýär. Pagta öndürijiler üçin welaýatyň toprak-howa şertlerine laýyk gelýän ýokary hilli gowaça tohumyny, ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny möwsüme taýýar etmek babatda zerur çäreler görülýär. Ilaty ýurdumyzda öndürilýän azyklyk önümler bilen bolelin üpjün etmek babatda öňde goýlan wezipelerden ugur alnyp, degişli ekinleriň ekiljek ýerlerini, tohumyny ekişe taýýarlamak boýunça işler alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ekerançylyk meýdanlarynyň, oba hojalyk tehnikalarynyň ýazky ekiş möwsümine talabalaýyk taýýar edilmegini ileri tutulýan wezipeleriň hatarynda belledi we bu babatda häkime birnäçe tabşyryklary berdi.

Lebap welaýatynyň häkimi D.Genjiýew welaýatda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, şu ýyl welaýatda bugdaýyň bol hasylyny ýetişdirmek maksady bilen, bugdaý ekilen meýdanlarda degişli ideg işleri agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda alnyp barylýar. Şu ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek meýdanlarda sürüm, tekizleýiş, çil çekmek, ýuwuş suwuny tutmak işleri ýerine ýetirilýär. Pagta öndürijiler üçin ýokary hilli gowaça tohumyny hem-de ýazky ekiş möwsüminde, ideg işlerinde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny taýýarlamak boýunça degişli çäreler görülýär. Şeýle-de ýazlyk ýeralmanyň, gök-bakja ekinleriniň ekiljek meýdanlaryny sürmek, tekizlemek, bu ekinleriň tohumyny ekiş möwsümine taýýarlamak işleri ýerine ýetirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, möwsümleýin agrotehniki çäreleriň, hususan-da, bugdaýa ideg etmek, ýazky ekişe taýýarlyk işleriniň ýokary hilli, guramaçylykly geçirilmeginiň möhüm talap bolup durýandygyny belledi we häkime anyk tabşyryklary berdi.

Mary welaýatynyň häkimi D.Annaberdiýew welaýatda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, şu günler bugdaý ekilen meýdanlarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, suw tutmak işleri guramaçylykly dowam edýär. Gowaça ekişine taýýarlyk görmegiň çäklerinde meýdanlarda sürüm we tekizleýiş işleri, pagtaçy babadaýhanlar üçin ýokary hilli gowaça tohumyny, ýazky oba hojalyk işlerinde ulanyljak tehnikalary möwsüme doly taýýar etmek boýunça zerur işler alnyp barylýar. Hormatly Prezidentimiziň ilaty ýurdumyzda öndürilýän azyk önümleri bilen bolelin üpjün etmek babatda öňde goýan wezipelerinden ugur alnyp, welaýatda ýeralmanyň, gök-bakja ekinleriniň ekiljek meýdanlaryny hem-de tohumyny möwsüme taýýarlamak işleri alnyp barylýar. Welaýatda ýetişdirilen gant şugundyrynyň hasylyny ýygnap almak we gaýtadan işlemek boýunça zerur çäreler görülýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, häkime birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew Diýarymyzda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba hojalygynyň milli ykdysadyýetimizdäki möhüm ornuna ünsi çekdi we ýurdumyzda azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmak üçin pudagy yzygiderli döwrebaplaşdyrmagyň, önümçilige ylmy taýdan esaslandyrylan innowasion çemeleşmeleri, öňdebaryjy dünýä tejribesini ornaşdyrmagyň zerurdygyny nygtap, wise-premýere birnäçe görkezmeleri berdi.

Soňra döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, möwsümleýin oba hojalyk işlerine ýene-de bir gezek ünsi çekdi we welaýatlaryň gowaça ekiljek ýerlerinde sürüm, tekizleýiş işleriniň agrotehniki kadalara laýyk ýerine ýetirilmegini, pagta öndürijileriň ýokary hilli gowaça tohumy bilen ýeterlik möçberde üpjün edilmegini, ýazky ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalarynyň möwsüme talabalaýyk taýýarlanylmagyny, bugdaý ekilen meýdanlarda ideg işleriniň agrotehniki möhletlerde geçirilmegini, ýeralma hem-de gök-bakja ekinleriniň ýazky ekişine gowy taýýarlyk görmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz hyzmat ediji edara-kärhanalaryň welaýatlaryň pagta we bugdaý öndürijileri bilen, Lebap welaýatynda şaly öndürijiler, Mary welaýatynda bolsa gant şugundyryny öndürijiler bilen ýerine ýetirilen işler boýunça hasaplaşyklaryň geçirilişine berk gözegçilik etmegi, ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna, Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, welaýatlarda şu ýyl meýilleşdirilen işleri öz wagtynda we ýokary hilli ýerine ýetirmek üçin zerur çäreleri görmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow iş maslahatyny jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

**«Mugallymlar gazeti».**

## BEDEW BATLY ÖSÜŞLER

***Döwrümiz ösýär, belent maksatlar rowaçlanýar. Halkyň isleg-arzuwy nazarda tutulyp, şu ýyl «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip atlandyryldy. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz ösüşiň täze derejelerine eýe bolýar. Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny mynasyp dowam edýän hormatly Prezidentimiz ýurdumyzy ösdürmekde beýik işleri durmuşa geçirýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýurdumyzy hemmetaraplaýyn gülledip ösdürmek baradaky alyp barýan döwletli işleri halkymyzyň aýdyň ertirine, röwşen geljegine bolan ynamy has-da berkidýär. Bedew bady bilen öňe barýan eziz Diýarymyzyň durmuşynda bolup geçýän düýpli özgerişlikleriň — milli ykdysadyýetde, ylymda we bilimde, saglygy goraýyşda, sportda, medeniýetde we beýleki ulgamlarda döwrebap ösüşleriň gazanylmagy biziň her birimizi döredijilikli zähmet çekmäge ruhlandyrýar, joşdurýar.***

Asudalygyň, halallygyň, jebisligiň bar ýerinde hemişe rysgal-döwlet ýar bolýar. Biziň ýurdumyz asudalygyň, jebisligiň, parahatçylygyň gülläp ösýän mekanydyr. Hut şu nukdaýnazardan, ýurdumyz bedew batly ösüşleriň mekany diýlip buýsanç bilen bellenilýär. Şeýle hem behişdi bedewleriň mekany bolan ýurdumyz toý-baýramlara beslenýär. Ynha, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylymyzda ýurdumyzyň şanly Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk toýuny toýlarys. Biziň döwletimiziň geçen ýylda hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygyny belländigini buýsançly waka hökmünde belläsimiz gelýär. Munuň özi eziz Diýarymyzyň dünýäde uly at-abraýynyň, hormatynyň bardygyny görkezýär.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň dünýäniň ösen döwletleriniň hatarynda ykrar edilmegi ykdysadyýetiň ähli ulgamlarynda döredijilikli zähmetiň gaýnap joşmagyndan, agzybirligiň höküm sürmeginden ybaratdyr. Hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen parasatly taglymatynyň netijesinde ýurtda üstünlikli ýerine ýetirilýän işleriň gözbaşynda yhlasly zähmetiň, jebisligiň, agzybirligiň gudraty bardyr.

2

## BAGTYÝARLYGYŇ AÝDYŇ ÝOLY

***Eziz Diýarymyzda her bir ýyl uly üstünliklere beslenýär. Hut şu nukdaýnazardan hem, ýyly döwrebap atlandyrmak indi asylly däbe öwrüldi. Ynha, şu ýylymyzyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylmagy hem ähli halkymyzy buýsandyrdy, täze üstünliklere ruhlandyrdy. Çünki «At — myrat» diýýän türkmen halkymyz bu ýylda maksatlaryň myrada gowuşjakdygyna, toý-baýramlaryň uludan belleniljekdigine tüýs ýürekden ynanýar.***

Mälim bolşy ýaly, geçen ýylyň dowamynda ençeme binalar, ýaşaýyş jaýlary, bilim ojaklary, önümçilik desgalary gurlup ulanmaga berildi. Bu ägirt uly binalaryň, desgalaryň gurlup ulanylmaga berilmegi milli ykdysadyýetimiziň beýik ösüşlerini hem-de halk bähbitli işleri aýdyň beýan edýär. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda hem beýik ösüşlerimiz dowamly bolar. Bedew batly ösüşleriň mekany bolan eziz Diýarymyzda gazanylýan belent üstünlikler biziň her birimizi guwandyrýar, buýsandyrýar. Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny üstünlikli dowam edýän hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda gazanylýan bedew batly ösüşler ýurdumyzy dünýä meşhur edýär. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda adamyň bagtyýar durmuşy, halkyň abadançylygy baş wezipeleriň biridir. Şu nukdaýnazardan, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda hem durmuş maksatly beýik işler amala aşyrylar.

Häzirki ajaýyp döwrümizde ýurdumyzyň ähli künjekleri ösýär we özgerýär. Ykdysady taýdan güýçli we kuwwatly döwletde bilim özgertmeleriniň üstünliklere beslenmegi röwşen geljegimiziň hem ösüşlidigini beýan edýär. Bularyň ählisi halkymyzyň, her bir adamyň abadan durmuşy hakyndaky aladanyň aýdyň nusgasydyr. Adamlaryň ýaşaýşy, döredijilikli zähmeti, bagtyýar geljegi döwletimiziň alyp barýan işleriniň baş ugry bolup durýar. Şunda ýurdumyzy ösdürmek, ýaşlaryň bilim öwrenmegini üpjün etmek esasy ugurlaryň biridir. Şonuň üçin hem bu asylly ýörelgeleri ösdürmekde eziz Diýarymyzda uly işler durmuşa geçirilýär.

2

# WATAN DIŇE HALKY BILEN WATANDYR!



# MILLI GYMMATLYGYMYZA BELENT SARPA

***17-nji ýanwarda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Köpetdagyň etegindäki gözel künjekleriň birinde ýerleşýän Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynda bolup, bu ýerde «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň şanly wakalarynyň birine öwrüljek Türkmen bedewiniň milli baýramyna görülýän taýýarlyk işleri bilen tanyşdy.***

Gahryman Arkadagymyz ir bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna geldi. Bu ýerde Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň gurluşyk-senagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary B.Annamämmedow, Türkmenistanyň Prezidentiniň Diwanynyň iş dolandyryjysy H.Hajymyradow, Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň wise-prezidenti B.Rejebow, Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň rektory P.Baýramdurdyýew we toplumyň döwrebaplaşdyryş işlerini ýerine ýetirýän Türkiýäniň «Gap Inşaat» kompaniýasynyň wekili R.Akçi öňde goýlan wezipeleriň ýerine ýetirilmeginiň barşy barada giňişleýin maglumat berdiler.

Türkmenistanyň at gazanan arhitektory Gurbanguly Berdimuhamedowyň garamagyna toplumy döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler hakynda maglumat berýän şekil taslamalary, binalaryň ýerleşjek ýerleriniň çyzgylary görkezildi. Bellenilişi ýaly, häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy esasynda toplumyň binalaryny döwrebaplaşdyrmak, onuň tutuş çägini abadanlaşdyrmak işleri tassyklanan meýilnama laýyklykda güýçli depginde dowam edýär. Hususan-da, Ahalteke atçylyk toplumyna barýan ýoly döwrebaplaşdyrmak, onuň ugrunda ýol belgilerini, degişli şekilleri ýerleşdirmek işleri, yşyklandyryş ulgamynyň aýratynlyklary we ýol gurluşygynyň häzirki zaman usullary barada maglumat berildi.

Gahryman Arkadagymyz görkezilen şekil taslamalaryny synlap, olara birnäçe belliklerini aýtdy we degişli düzedişleri girizdi. «Ýol gurluşygynda ösen tejribeleriň ulanylmagyna, ýoluň gönüligine, tekizligine aýratyn ähmiýet berilmelidir. Şol bir wagtyň özünde ýoluň yşyklandyryş ulgamynyň döredilmeginde döwrebap usullar ulanylmalydyr. Ýol ýakalarynda ekilýän baglar bu künjegiň ekologik derejesiniň has-da gowulanmagyna oňyn täsirini ýetirmelidir» diýip, Milli Liderimiz belledi we bu babatda degişli ýolbaşçylara maslahatlaryny berdi.

Hormatly Arkadagymyz sil akabalarynyň üstünden gurulýan köprüleriň berkligine, uzak möhletleýinligine, olaryň gurluşygynda ulanylýan gurluşyk serişdeleriniň hiline aýratyn ähmiýet berilmelidigini nygtady.

Şeýle hem toplumyň binalarynyň içinde ýerleşdiriljek bedewleriň heýkelleriniň görnüşleri, otaglaryň bezeginde ulanylmagy meýilleşdirilýän surat eserleri görkezildi. Halk Maslahatynyň Başlygy binalaryň, otaglaryň içiniň bezeg işleri ýerine ýetirilende, reňkleriň sazlaşygyna uly üns berilmelidigini aýtdy hem-de görkezilen heýkelleri we surat eserlerini synlap, olaryň arasyndan bezeg serişdeleri bilen bir bitewi sazlaşygy emele getirýänlerini saýlap almagyň wajypdygyna ünsi çekdi.

Soňra toplumyň binalaryny döwrebaplaşdyrmak we onuň çäklerini abadanlaşdyrmak işleri ynanylan kompaniýanyň wekili hormatly Prezidentimiziň tabşyrygyna laýyklykda alnyp barylýan işleriň ýagdaýy we toplumyň çäklerinde ýerleşdirilmegi meýilleşdirilýän at heýkelleriniň görnüşleri barada maglumat berdi.

Gahryman Arkadagymyz bedew heýkelleri we toplumyň binalarynyň bezeginde ulanyljak serişdeler bilen tanşyp, olara birnäçe belliklerini aýtdy. Milli Liderimiz Türkmen bedewiniň milli baýramyna görülýän taýýarlygyň çäklerinde şanly senäniň meýilnamasynyň taýýarlanylmalydygyny we ony hormatly Prezidentimiziň garamagyna hödürläp, döwlet Baştutanymyzyň meýilnamany tassyklan halatynda, toý-dabaralary şu ýylyň şygaryna laýyklykda ýokary derejede geçirmek meselelerine toplumlaýyn esasda çemeleşilmelidigini aýtdy.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy toý-baýramlaryň bezegine öwrülen bedewleriň halkymyzyň durmuşynda möhüm orun eýeleýändigini aýdyp, merdana pederlerimiziň, hünärine yhlas edýän seýisleriň tagallasy bilen dünýäde deňi-taýy bolmadyk ahalteke bedewleriniň ösdürilip ýetişdirilýändigini belledi. «Döwrebap atçylyk toplumlaryny netijeli ulanmak möhüm wezipedir. Bu bolsa türkmen halkynyň dünýä beren milli gymmatlygyna belent sarpa goýulýandygyny, halkymyzyň bilelikdäki tagallalary bilen ägirt uly işleriň amala aşyrylýandygyny görkezýär. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen paýhasly jümlesinde çuňňur many bar. Munuň özi halk bilen döwletiň bitewüliginiň aýdyň nyşanydyr» diýip, Gahryman Arkadagymyz nygtady. Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri toplumyň çäginde oturdyljak monitorlary, binalaryň aýnalaryny synlap, olara birnäçe belliklerini aýtdy.

Gahryman Arkadagymyz ýygnananlara öňde goýlan wezipeleri abraý bilen ýerine ýetirmekde uly üstünlikleri arzuw edip, bu ýerden ugrady.

**«Mugallymlar gazeti».**

## KÖŇÜL BUÝSANJYMYZYŇ BEÝANY

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe her bir ýylymyzyň üstünliklere beslenýändigi buýsançlydyr. Şu ajaýyp ýyllar täze üstünlikleri, beýik ösüşleri bilen halkymyzy begendirýär. Ynsan kalbyny begendirýän, buýsandyrýan döwrümizde gadamlar öňe bolup, belent üstünliklere barýarys. Bu nurana ýollarda döwre buýsanmak bar, ynam bar.***

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly ähli halkymyzy täze üstünliklere ruhlandyrýar. Eziz Diýarymyzda gazanylýan belent üstünlikler, durmuşa geçirilýän beýik işler halkymyzyň bähbitlerini nazarlaýar. Şeýle beýik ösüşler belent maksatlardan, ylmy esasda ýola goýlan işlerden gözbaş alýar. Bedew batly ösüşlere beslenjek 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylmagy beýik ösüşler bilen bir hatarda milli gymmatlyklarymyza hem belent sarpadyr. Çünki behişdi bedewler türkmeniň uçar ganatydyr, toýlarynyň bezegidir. Hut şu nukdaýnazardan, bu gymmatlyklary wasp etmek, dünýä ýaýmak asylly ýörelgämizdir.

Behişdi bedewler asyrlaryň dowamynda halkymyzyň rowaçlygynyň, ýeňişleriniň ýarany boldular. Gahryman Arkadagymyzyň ajaýyp eserlerinde türkmen bedewiniň belent waspyny görýäris. Gahryman Arkadagymyzyň «Ahalteke bedewi — biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Gadamy batly bedew», «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly kitaplary biziň her birimiziň buýsanjymyzdyr. Bu ajaýyp eserler ýelden ýyndam, gamyşgulak ahalteke bedewlerimiz hakynda gymmatly maglumatlary özünde jemleýär. Munuň özi ajaýyp eserleriň gaýtalanmajak gymmatlyk hökmünde ynsan ýüreklerinde orun alýandygyny görkezýär.

Gahryman Arkadagymyz «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly kitabynda şeýle belleýär: «Ahalteke bedewlerine berýän ünsümiz mirasymyza uly sarpa goýýandygymyzdan nyşandyr. Mirasa göz ýetirmegiň, oňa juda aýawly çemeleşmegiň döwletlilik getirýändigi biziň kalbymyzda ornan ynamdyr». Şu parasatly sözlerden görnüşi ýaly, türkmen halkynyň şöhratly taryhy, milli gymmatlyklary behişdi bedewler bilen berk baglanyşyklydyr. Halkymyz üçin juda gymmatly baýlyga öwrülen bedewlerimiziň şöhraty Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe dünýä dolýar. Ulus-ilimiz durmuşdaky şatlykly pursatlaryny, zähmetde gazanýan ajaýyp üstünliklerini behişdi bedewlerimiz bilen baglanyşdyrypdyr. Şonuň üçin bedewler döwletli halkymyzyň durmuşyny bezäpdir. Bedew agynan ýerde toýuň, at kişňän ýerde rysgal-berekediň, döwlete ulaşýandygy baradaky hakykat, ynanç-ygtykatlar ýöne ýerden ýüze çykmandyr. Merdana halkymyzyň uçar ganatyna deňelýän, ýyndamlykda, gözellikde taý tapylmadyk bedewlerimiz halkymyzyň guwanjyna öwrüldi.

Halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşamagy ugrunda taýsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Muhammetaman SARYÝEW,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri» ylmy-önümçilik merkeziniň direktory.**

## BEDEW BATLY ÖSÜŞLER

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň her bir güni şatlykly dabaralara, joşgunly zähmete beslenýär. Ata Watanymyzyň bagtyýar gujagynda halkymyzyň erkana işlemegi, ýaşamagy, oňat dynç almagy üçin uly aladalar edilýär. Muny biz ýurtda alnyp barylýan örän uly işleriň dabaralanmasynda görýäris. Il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli beýik işler durmuşa ornaşdyrylýar. Ýurdumyzyň dürli künjeklerinde täze binalaryň, dürli maksatly desgalaryň açylyp ulanylmaga berlendigini ýatlamak hem örän ýakymlydyr. Ylym-bilim ulgamyndaky amal edilen işleriň sany has hem köp. Ýurdumyzyň dürli künjeklerinde çagalar baglary, orta mekdepler, ýokary okuw mekdepleriniň binalary gurlup ulanmaga berildi. Munuň ýaşlarymyzyň döwrebap bilim, terbiýe almaklarynda ähmiýeti uludyr. Şeýle ýakymly, guwandyryjy wakalar ildeşlerimiziň her biriniň göwün guşuny ganatlandyrýar.

Eziz Watanymyzy ykdysady, medeni we durmuş taýdan ösdürýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, beýik işleri üstünliklere beslensin!

**Baba MYRATBERDIÝEW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynyň başlygy.**

## BAGTYÝARLYGYŇ AÝDYŇ ÝOLY

Ýurdumyzyň üstünlikli ösüşleriniň bedew badyna deňelmegi hem ýöne ýere däl. Çünki bedew at halkymyzda rowaçlygyň, rysgal-döwletiň, ösüş-özgerişleriň nyşany. Ýurdumyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllyk baýramynyň uludan belleniljek «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda eziz Diýarymyzyň ähli sebitlerinde giň möçberde ýaýbaňlandyrylan hem-de raýatlarymyzyň abadançylygyny has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilen ägirt uly işler üstünlikli dowam etdiriler. Syýasatda, ykdysadyýetde, medeniýetde, ylymda-bilimde, saglygy goraýyşda, sportda, durmuş, kanunçylyk ulgamlarynda, ýangyç-energetika pudagynda ägirt uly ösüşler gazanylar. Her ýyl halk bähbitli, döwlet ähmiýetli döwrebap binalaryň, desgalaryň yzygiderli açylmagy bolsa asylly däbe öwrüldi. Munuň özi milletimiziň ägirt uly ruhy galkynyşynyň, döwletimiziň gurplulygynyň aýdyň nyşanydyr.

**Sülgün ÝOLLYÝEWA,**
**Ak bugdaý etrabyndaky daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 16-njy orta mekdebiň müdiriniň okuw işleri boýunça orunbasary.**

# Ylym-bilim — röwşen geljegiň şuglasy

***Häzirki ajaýyp döwrümizde bilim ulgamynyň özgertmeleri üstünlikli durmuşa geçirilýär. Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny üstünlikli dowam edýän hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň ylym, bilim we terbiýeçilik ulgamynyň ösüşinde kämil tehnikalardan, ösen tehnologiýalardan ussatlyk bilen baş çykarýan ýaşlaryň kemala getirilmegi üçin giň mümkinçilikleri döredýär.***

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaş hünärmenler sanly ulgama, ylmyň iň täze gazananlaryna oňat düşünýärler. Çünki ýurdumyzda döwrebap tehnologiýalar hem-de sanly ulgam bilen enjamlaşdyrylan täze ýokary okuw mekdepleri we beýleki bilim edaralary yzygiderli gurulýar. Muňa mysal edip Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň döredilendigini, bu ýokary okuw mekdebiniň döwrebap binasyny aýratyn bellemek gerek. Ýaşlaryň dünýä ylmyna düýpli aralaşmagyny üpjün etmek, olary şöhratly pederlerimiziň asylly ýörelgelerine ygrarly edip terbiýelemek işleri döwrüň möhüm wezipesi bolup durýar. Munuň üçin ýurdumyzda giň mümkinçilikler, döwrebap şertler bar.

Ýaşlaryň dünýä ylmyna düýpli aralaşmagy hem-de zehinlerini, ukyp-başarnyklaryny açyp görkezmegi üçin döwlet derejesinde birnäçe bäsleşikler guralýar. Bu bäsleşiklere türkmen ýaşlary has-da işjeň gatnaşýar. Bu babatda beýan edenimizde, ýokary okuw mekdebimiziň talyplarynyň hem döwlet derejesinde geçirilýän çärelere işjeň gatnaşýandyklaryny bellemek isleýäris. Ynha, ýokary okuw mekdepleriň arasynda paýhas bäsleşiginiň geçirilmegi, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň 12-nji synp okuwçylarynyň arasynda Iňlis dili boýunça ders bäsleşigi geçirildi. Ýokary okuw mekdebimiziň guraýan şeýle çäreleri ýaşlaryň giň dünýägaraýyşly bolmaklaryna, olaryň ylym-bilim öwrenmeklerine höwes döredýär. Ýaş neslimize döwrümiziň ösen talaplaryna laýyk bilim we terbiýe bermekde milli ruha ýugrulan, türkmen halkynyň geçmişde ýörelge edinen, taryhy döwürleriň içinde gaýnap, durmuşyň synaglaryndan geçip, biziň günlerimize çenli gelip ýeten milli edep-terbiýe mekdebini ýörelge edinmek, onuň bilen ugurdaşlykda ösen döwletleriň bilim ulgamyny dolandyrmakdaky tejribesine daýanmak däbe öwrüldi. Şeýle hem ýokary okuw mekdebimizde medeni çäreleri guraýarys, ýörite kitap bilen baglanyşykly gurnakda okamagyň,



bilim öwrenmegiň ähmiýetini ýaş nesle düşündirýäris. Sebäbi ylmyň ähli gazananlarynyň, ylmy maglumatlaryň hazynasy kitapda jemlenýär. Häzirki döwürde kitaplaryň elektron görnüşlerini, sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden peýdalanyp okamak bolýar. Munuň özi häzirki ýaşlar üçin döwrebap mümkinçilik bolmak bilen bir hatarda döwrüň ösýändigini, bedew batly ösüşler bilen öňe barýandygyny aýdyň beýan edýär.

Ýurdumyzyň bilim, ylym ulgamlarynyň işine, ony kämilleşdirmäge we ösdürmäge döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry hökmünde garalýar. Hawa, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk baýramyny toýlamaga taýýarlyk işlerini giňden ýaýbaňlandyran ýurdumyz hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ösüşiň täze belentliklerine tarap aýdyň ýol bilen ynamly barýar. Ösüşlere, oňyn özgerişliklere beslenýän bu ýol häzirki ajaýyp döwrümiziň röwşen ýoludyr. Bu ýola gazanylýan üstünlikler, ýetilýän belent sepgitler guwandyryjydyr. Şeýle üstünlikleriň hatarynda ylym-bilimde ýetilen sepgitleri hem aýratyn bellemek gerek. Çünki ylym-bilim diňe bir şu günki ösüşimiz däl-de, eýsem, röwşen geljegimiziň şamçyragydyr, aýdyň ýoludyr. Şu nukdaýnazardan hem, ýurdumyzyň bilim işgärleri, mugallymlary ýaş nesli ylymbilimli hünärmenler hökmünde kemala getirmekde asylly işleri alyp barýarlar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde ylym-bilimiň ösdürilmegi üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyzda giň mümkinçilikleriň döredilmegi ähli bilim işgärlerini tüýs ýürekden buýsandyrýar. Bilim ulgamyny döwrebap kämilleşdirmek ugrunda amala aşyrylýan netijeli we düýpli işler Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň bedew bady bilen ösmegine, diňe öňe gitmegine badalga berýär. Bizi şeýle ajaýyp zamanada ýaşadýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Şöhrat MUHAMMEDOW,**
**Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň dil öwreniş bölüminiň müdiri.**

# Ýeňijilere sowgatlar gowşuryldy

***Ýurdumyzyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň okuwçylary halkara ders bäsleşiklerine gatnaşyp, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň ilkinji günlerinde uly üstünlikleri gazandylar. Has takygy, 10–15-nji ýanwar aralygynda Gazagystan Respublikasynyň Almaty şäherinde geçirilen 22-nji Žautykow olimpiadasynda Türkmenistandan gatnaşan okuwçylaryň 16-sy baýrakly orunlara mynasyp boldular. Bu bäsleşik matematika, fizika, informatika dersleri boýunça geçirilip, onda 10-njy, 11-nji, 12-nji synp okuwçylary zehinlerini görkezmegi başardylar. Her ýyl geçirilýän bu olimpiada dünýä ýurtlarynyň birnäçesinden mekdep okuwçylarynyň 600-den gowragy gatnaşdy.***




Hepdäniň duşenbe güni Aşgabat şäherindäki iňlis dili çuňlaşdyrylyp öwredilýän ýöriteleşdirilen 135-nji orta mekdebiň kiçi mejlisler zalynda 22-nji Žautykow halkara bäsleşiginde ýeňiş gazanyp, medallara mynasyp bolan okuwçylara Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň gymmat bahaly sowgatlarynyň gowşurylyş dabarasy geçirildi. Oňa Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň, Aşgabat şäher Baş bilim müdirliginiň ýolbaşçylary, şäheriň orta mekdepleriniň müdirleri we mugallymlary, Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri hem-de mekdep okuwçylary gatnaşdylar.

Ýurdumyzyň zehinli ýaşlarynyň sanawy ýylsaýyn artýar. Olaryň halkara derejesinde gazanýan ýeňişleri bolsa hasda buýsandyryjy. Bu halkara olimpiadasynda Aşgabat şäherindäki iňlis dili, himiýa we biologiýa dersleri çuňlaşdyrylyp öwredilýän ýöriteleşdirilen 86-njy orta mekdebiň 10-njy synp okuwçysy Hemra Gurbanow altyn medala mynasyp boldy. Aşgabat şäherindäki dil dersleri çuňlaşdyrylyp öwredilýän ýöriteleşdirilen 97-nji orta mekdebiň 11-nji synp okuwçysy Myrat Ruslanow, paýtagtymyzdaky iňlis dili, himiýa we biologiýa dersleri çuňlaşdyrylyp öwredilýän ýöriteleşdirilen 86-njy orta mekdebiň 12-nji synp okuwçysy Mälikşa Meýlismyradow, paýtagtymyzdaky iňlis dili çuňlaşdyrylyp öwredilýän ýöriteleşdirilen 135-nji orta mekdebiň 12-nji synp okuwçysy Selim Hommatdurdyýew, Oguzhan etrabynyň Şatlyk şäherçesindäki takyk we tebigy ugurlara ýöriteleşdirilen 12-nji orta mekdebiň 12-nji synp okuwçysy Döwlet Annamyradow dagy kümüş medallary gazandylar.

Halkara olimpiadada bürünç medala bolsa ýurdumyzdan wekilçilik eden toparyň okuwçylarynyň 11-si eýe bolmagy başardylar. Olar Aşgabat şäherindäki iňlis dili dersine ýöriteleşdirilen 83-nji orta mekdebiň 12-nji synp okuwçysy Seýitgeldi Hojamuhammedow, paýtagtymyzdaky matematika we iňlis dili derslerini çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 49-njy orta mekdebiň 11-nji synp okuwçysy Sanjar Hojanyýazow we şol mekdebiň 12-nji synp okuwçysy Söýünmuhammet Geldimämmedow, paýtagtymyzdaky iňlis dili, himiýa we biologiýa dersleri çuňlaşdyrylyp öwredilýän ýöriteleşdirilen 86-njy orta mekdebiň 12-nji synp okuwçysy Begli Işanmyradow, şol mekdebiň 12-nji synp okuwçysy Kümüş Nobatowa hem-de 11-nji synp okuwçysy Hojamuhammet Hydyrow, 12-nji synp okuwçysy Yhlas Amanmyradow, Daşoguz şäherindäki iňlis dili, himiýa we biologiýa dersleri çuňlaşdyrylyp öwredilýän ýöriteleşdirilen 26-njy orta mekdebiň 11-nji synp okuwçysy Begenç Gummanow, Aşgabat şäherindäki takyk derslere ýöriteleşdirilen 79-njy orta mekdebiň 12-nji synp okuwçysy Nurgeldi Annagurdow, Mary şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 10-njy orta mekdebiň 12-nji synp okuwçysy Aýsenem Kakamyradowa, Aşgabat şäherindäki iňlis dili çuňlaşdyrylyp öwredilýän ýöriteleşdirilen 135-nji orta mekdebiň 10-njy synp okuwçysy Kasym Köçekow dagy bürünç medala mynasyp bolup, uly üstünlik gazandylar.

Dabaranyň dowamynda Çagalar we ýetginjekler köşgüniň aýdym-saz we fortepiano gurnagynyň, «Şatlyk» tans toparynyň çykyşlaryna tomaşa edildi.

Dabarada çykyş edenler halkara bäsleşiginde üstünlik gazanan okuwçylary okadýan we olimpiada taýýarlan mugallymlary aýratyn belläp geçdiler. Olardan Aşgabat şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 13-nji orta mekdebiň matematika mugallymy Pälwan Agamyradow, Arkadag şäherindäki iňlis dili dersine ýöriteleşdirilen 3-nji orta mekdebiň matematika mugallymy Arslan Hojyýew, Aşgabat şäherindäki iňlis dili dersine ýöriteleşdirilen 83-nji orta mekdebiň matematika we informatika mugallymy Ahmet Ballyýew, Oguzhan etrabynyň Şatlyk şäherçesindäki takyk we tebigy ugurlara ýöriteleşdirilen 12-nji orta mekdebiň fizika mugallymy Eziz Oraznepesow ýaly tejribeli mugallymlaryň çeken zähmetlerine minnetdarlyk bildirildi.

Dabaradaky çykyşlarda Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden buýsançlar beýan edildi.

**Şähribossan ÖWEZOWA,**
**«Mugallymlar gazeti».**

# ÜSTÜNLIGIŇ GÖZBAŞY

Her ýyly döwrüň ruhuna, belent maksatlarymyza kybap gelýän şygar bilen dabaralandyrmak eziz Diýarymyzda asylly däbe öwrüldi. 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip yglan edilmegi hem çuňňur mana eýedir. Şanly ýylda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň gymmatlyklary has-da rowaçlanyp, asylly başlangyçlar durmuşa geçiriler.

Behişdi bedewler halkymyzyň göz guwanjy, milli buýsanjy bolmak bilen, wepadarlygyň, maksada okgunlylygyň, erkliligiň we zähmetsöýerligiň nyşanydyr. Ýurdumyzyň ösüşiniň bedew badyna deňelmegi bu hakykatyň aýdyň beýanydyr. Şanly ýylda ýurdumyzyň sebitlerinde belent üstünlikleri nazarlaýan başlangyçlar durmuşa geçiriler. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen öňe barýan ýurdumyzyň ykdysady kuwwaty berkidilip, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi barha ýokarlandyrylýar.

Soňky ýyllarda ýurdumyzda geçirilýän abraýly ders we taslama bäsleşikleri, ylmy-amaly maslahatlar dünýäniň çar ýanyndan gatnaşyjylary özüne çekýär. Ýaşlarymyzyň ders bäsleşiklerinde gazanýan üstünlikleri bilim özgertmeleriniň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini aýdyň beýan edýär. Çünki ýaşlaryň gazanýan üstünlikleri ýurdumyzyň bilim özgertmeleri bilen baglydyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan sebitde we dünýäde parahatçylygy berkitmek, durnukly ösüşi gazanmak, milli gymmatlyklarymyzy rowaçlyga beslemek ýaly asylly maksatlar bilen nurana geljege tarap ynamly barýar. Parasatly pederlerimiziň ýörelgelerine eýerip, umumadamzat bähbidine gönükdirilen asylly başlangyçlary durmuşa geçirmekde dünýä nusga bolýan döwletimiziň syýasy-ykdysady kuwwaty barha artýar. Eziz Diýarymyzy dost-doganlygyň, gülläp ösüşleriň, abadan hem bagtyýar durmuşyň mekany hökmünde dünýä tanadan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Baýrambagt NOBATGELDIÝEWA,**
**Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.**

BILIM IŞGÄRLERINIŇ
iş tejribesinden

## ÇAGALARDA TEBIGATA SÖÝGI DÖRETMEK

Çagalar bagynda körpeleriň tebigat, daşky gurşaw, howanyň üýtgemegi, tebigat hadysalary baradaky düşünjelerini artdyrmakda sapaklary işjeň usulda guramagyň ähmiýeti örän uludyr. Çagalaryň ýaş aýratynlygyna görä guralýan sapaklarda tebigaty synlamak arkaly tebigy hadysalary öwretmekde döwrebap tehnologiýalardan hem peýdalanmak netijeli usuldyr.

Çagalar gözelligi çalt duýýar, ondan lezzet alýar. Tebigat olaryň akyl taýdan ösüşini ýokarlandyrýar. Türkmen tebigatynyň gözelliklerini synlap, körpelerde gözellik duýgulary ösýär, tebigata gyzyklanma döräp başlaýar. Sapakda dürli suratlaryň we slaýdlaryň üsti bilen daş-töwerege bolan gyzyklanmany has-da çuňlaşdyrmak mümkin. Mundan başga-da, çagalaryň tebigat hadysalary baradaky düşünjelerini kemala getirmekde howanyň üýtgemeginiň, ýagşyň, garyň ýagmagynyň, ýeliň ugruny üýtgetmeginiň esasy sebäplerini düşündirmek olar üçin gyzyklydyr. Körpeleriň tebigat baradaky düşünjeleri sapakda we sapakdan daşary guralýan gaýybana gezelençlerdir dürli gyzyklanma çäreleriniň üsti bilen hem ösdürilýär.

**Maýa MEREDOWA,**
**Arkadag şäherindäki 2-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi.**

## DAŞARY ÝURT DILI SAPAKLARYNDA IŞJEŇ USULLAR

Rus dilini öwretmekde çagalaryň sözleýşini ösdürmek ilkinji zerurlyklaryň biridir. Okuwçylary sapaga işjeň gatnaşdyrmak, olaryň sözleýşini ösdürmek maksady bilen, sapaklary adaty däl görnüşde guraýarys we okuwçylaryň gepleşik endiklerini ösdürýäris.

Sapaklarda interaktiw usullary ulanmak, multimedia tehnologiýalardan peýdalanmak wagty tygşytlamaga, az wagtyň dowamynda çagalara köp maglumat öwretmäge mümkinçilik berýär. Şonuň üçin sapakda interaktiw usullary yzygiderli ulanyp, multimedia tehnologiýalaryndan peýdalanýarys. Mysal üçin, 3-nji synpda görelde sapagyny guradyk. Şonda interaktiw usullary ulanyp, okuwçylaryň gepleşik endiklerini ösdürmek boýunça sözlük üstünde işledik. Okuwçylara birnäçe çözülmeli meseleleri hödürledik. Olar şol meseleleri oňat çözmegi başardylar. Okuwçylara prezentasiýadaky ähli zatlaryň atlaryny rus dilinde aýtdyrýarys we hatarda haýsy şekiliň artykmaçdygyny aýtmagy tabşyrýarys. Okuwçylara oýnuň şertini düşündirýäris. Her hatardan bir okuwçy jogap berýär we näme üçin şol suratyň artykmaçdygyny rus dilinde düşündirýär, synpyň beýleki okuwçylary onuň jogabyny barlap, özbaşdak baha berýärler.

Täze sözler suratlar bilen baglanyşdyrylyp öwredilse, okuwçylar olary has çalt öwrenýärler. Sapagyň ahyrynda matallary çözdürýäris hem-de sorag-jogap alyşmak bilen sapagy jemleýäris.

**Hezret TOGALAKOW,**
**Bereket etrabyndaky 20-nji orta mekdebiň mugallymy.**

## SÖZ TOPARLARYNY ÖWRETMEK

Türkmen dilinde sözler özbaşdak many aňladýan we özbaşdak many aňlatmaýan söz toparlaryna bölünýär. Bulary 5-nji synpda türkmen dili dersinden guraýan sapaklarymyzda giňişleýin öwredýäris. Özbaşdak many aňladýan söz toparlaryna atlaryň, sypatlaryň, sanlaryň, çalyşmalaryň, hallaryň, işlikleriň degişlidigini düşündirýäris. Atlar: *Myrat, okuwçy, baýdak, oba*. Sanlar: *bäş, on, ýüz, dördünji*. Sypatlar: *gyzyl, ýaşyl, beýik*. Çalyşmalar: *men, näçe, näme*. Hallar: *tiz, giç, günin*. Işlikler: *okamak, ýazmak, gelmek, görmek*.

Okuwçylaryň depderlerine täze tema degişli gönükmeleri işletmek bilen temany berkidýäris. Sorag-jogaplary guraýarys. Edebiýat dersi boýunça okalýan kitaplardan, çeper eserlerden özbaşdak many aňladýan söz toparlaryna degişli sözleri saýlap, depderlerine bellik etmeklerini tabşyrýarys. Öý işine bolsa her bir okuwçynyň özbaşdak 10 sany sözlem düzmeklerini we depderlerine ýazmaklaryny tabşyrýarys.

Soňra synpyň okuwçylaryny iki topara bölüp, öwrenilen temany berkitmek boýunça özara bäsleşdirýäris. Synp tagtasynda özbaşdak many aňladýan söz toparlaryna degişli sözleri toparlara belli bir wagtyň dowamynda köp ýazmagy tabşyrýarys. Berlen wagt dolandan soňra, toparlaryň ýazan sözlerini okaýarys, sanaýarys we dogry ýazylandygy barada bellik edýäris. Ýeňiji toparyň okuwçylaryny bolsa, aýratyn bahalandyrýarys.

**Oglaý MAZITOWA,**
**Halaç etrabyndaky 12-nji orta mekdebiň mugallymy.**

Usulyýet — sapagyň esasy

# ALGEBRA SAPAGYNDA TEKSTLI MESELELERI ÇÖZMEGIŇ DÜRLI USULLARY

Gözlenilýän we berlen ululyklaryň arasyndaky baglanyşyklar söz bilen aňladylýan meselelere tekstli meseleler diýilýär.

Algebrany okatmak prosesinde tekstli meseleleri çözmegiň dürli usullaryny öwretmek arkaly okuwçylarda çözmek talap edilýän meseläniň ýönekeý matematiki modelini saýlap almak başarnygyny kemala getirip bolar. Şeýle hem okuwçylaryň döredijilik we akyl ýetiriş işjeňligini ösdürmekde şol bir usul boýunça birnäçe meseläni çözenden, şol bir meseläni birnäçe usul boýunça çözmegiň ähmiýetiniň has uludygyny belläp geçmek gerek.

Şu nukdaýnazardan, çylşyrymly bolmadyk tekstli meseleleriň üçüsiniň çözülişiniň dürli usullaryna garap geçeliň.

**1-nji mesele.** A we B otaglarda birnäçe adam bar. Eger A otagdan B otaga bir adam geçse, olaryň sany deňleşýär. Eger B otagdan A otaga bir adam geçse, A otagdakylar 2 esse köp bolýar. Her otagda näçe adam bar?

**Çözülişleri:**

**1-nji usul:** Üýtgeýän iki ululykly çyzykly iki deňlemäniň sistemasyny düzmek bilen çözýäris. Goý, A otagda x adam, B otagda y adam bar bolsun. Meseläniň şertine görä, A otagdan B otaga bir adam geçse, $x-1=y+1$ deňlik, B otagdan A otaga bir adam geçse, $x+1=2(y-1)$ deňlik ýerine ýetýär. Onda bu tekstli meseläniň matematiki modeli bolup:

$$\begin{cases} x-1=y+1 \\ x+1=2(y-1) \end{cases} \qquad (1)$$

üýtgeýän iki ululykly çyzykly iki deňlemäniň sistemasy hyzmat edýär.

(1) deňlemeler sistemasyny çözüp, $x=7$; $y=5$ çözüwi alýarys. (1) sistemanyň bu çözüwi meseläniň şertini kanagatlandyrýar.

**Jogaby:** 7 adam we 5 adam.

**2-nji usul:** Indi bu meseläni bir üýtgeýän ululykly çyzykly deňleme düzmek arkaly çözeliň. Meseledäki «... A otagdan B otaga bir adam geçse, olaryň sany deňleşýär» diýlen şertden A otagdakylaryň B otagdakylardan 2 adam artykdygy gelip çykýar. Onda A otagda x, B otagda x-2 adam bar diýip belleýäris. «B otagdan A otaga bir adam geçse, A otagdakylar 2 esse köp bolýar» diýen şertden A otagda x+1 adam, B otagda bolsa x-3 adam boljakdygyny bilip,

$$x+1=2(x-3) \qquad (2)$$

deňlemäni alýarys. Diýmek, bu usulda tekstli meseläniň matematiki modeli bolup (2), bir üýtgeýän ululykly çyzykly deňleme hyzmat edýär. Bu deňlemäni çözüp hem öňki jogaby alýarys. Jogap: A otagda $x=7$ adam, B otagda $x-2=7-2=5$ adam bar eken.

**3-nji usul:** Meseläni deňleme düzmän hem çözmek bolar.

2-nji usuldaky ýaly pikir ýöredip, A otagdakylaryň B otagdakylardan 2 adam artykdygyny kesgitleýäris. «Eger B otagdan A otaga bir adam geçse, A otagdakylar 2 esse köp bolýar» diýlen şertden nähili netije alynýandygyna üns bereliň. 2 adamy az bolan B otagdan ýene 1 adam kemelýär we 2 adamy artyk A otaga ýene 1 adam goşulýar. Şeýlelikde, B otagdan A otaga 1 adam geçenden soň, A otagdakylar B otagdakylardan 4 adam artyk bolýar. Şerte görä, bu ýagdaýda A otagdakylar B otagdakylardan 2 esse köp bolmaly. Diýmek, bu halda 4 adam 1 esse hasabynda bolup, B otagdan A otaga bir adam geçenden soň, A otagda 4+4=8 adam , B otagda 4 adam bolar. Ilkibaşda A otagda 8-1=7 adam we B otagda 4+1=5 adam bar eken.

Bu usulda o diýen ýönekeý bolmadyk logiki pikir ýöretmelerden soňra, meseläniň matematiki modeli bolup hasaplamak talap edilýän ýönekeý san aňlatmasy hyzmat edýär. Elbetde, bu usul öňkülere garanyňda kynrak, emma ol okuwçylaryň pikirlenmek ukybyny ösdürmäge ýardam edýär.

**2-nji mesele.** Myradyň birnäçe towşany we towugy bar. Olaryň hemmesiniň kelleleri 22, aýaklary bolsa 70. Myradyň näçe towşany we näçe towugy bar?

**Çözülişleri:**

**1-nji usul:** Üýtgeýän iki ululykly çyzykly iki deňlemäniň sistemasyny düzmek bilen çözeliň. Towşanlaryň sanyny x, towuklaryň sanyny bolsa y bilen belgiläliň. Onda kellelere görä, $x+y=22$ deňlemäni we aýaklara görä $4x+2y=70$ deňlemäni düzýäris. Bu tekstli meseläniň matematiki modeli bolup:

$$\begin{cases} x+y=22 \\ 4x+2y=70 \end{cases} \qquad (3)$$

sistema hyzmat edýär. Sistemany çözüp, $x=13$; $y=9$ çözüwi alarys. Bu çözüw meseläniň şertini kanagatlandyrýar. Jogaby: 13 towşan, 9 towuk.

**2-nji usul:** Indi berlen meseläni bir üýtgeýän ululykly çyzykly deňleme düzmek arkaly çözeliň. Towşanlaryň sany x bolsun. Meseläniň şertine görä, towuklaryň sany 22-x bolar. Towşanlaryň aýaklary 4x, towuklaryň aýaklary 2•(22-x) deň bolar. Meseläniň matematiki modeli bolup:

$$4x+2\cdot(22-x)=70 \quad (4)$$

deňleme hyzmat edýär. (4) deňlemäni çözüp alarys: $x=13$, $22-x=22-13=9$.

**Jogaby:** 13 towşan, 9 towuk.

1-nji we 2-nji meseleleriň 1-nji we 2-nji usullary arkaly alnan deňlemeleri we deňlemeler sistemalaryny grafiki usulda çözmek bolýandygy äşgärdir. Biz ol usullary aýratyn beýan etmekçi däl.

**3-nji usul:** Indi bu meseläni deňleme düzmän çözeliň. Goý, kelleleriň hemmesi towuklaryňky diýip çak edeliň. Onda aýaklaryň sany 22·2=44 bolýar. Bu çakymyz nädogry eken, sebäbi, şerte görä, aýaklar 70 sany bolmaly, ýagny biziň çakymyzdan 70-44=26 aýak köp bolmaly. Emma bu 26 aýak towşanlara hem degişlidir. Her bir towşanyň towukdan 2 aýagynyň artykdygyna görä, 26:2=13 alýarys. Diýmek, towşanlar 13, towuklar bolsa 9 sany bolmaly.

**4-nji usul:** Bu usul hem 3-nji usula meňzeşdir. Kelleleriň hemmesi towşanlaryňky diýip çak edeliň. Onda 22 towşanyň aýagy 22•4=88 bolar. Bu çakymyz dogry däl, sebäbi, şerte görä, aýaklaryň hemmesi 70 sany bolmaly, ýagny biziň çakymyzdan 88-70=18 aýak az bolmalydyr. Elbetde, bu 18 aýak towuklara hem degişlidir, başgaça aýtsak, biz öz çakymyz boýunça alnan 88-den 18 aýagy towuklaryň hasabyna kemeltmeli. Her bir towşanyň towukdan 2 aýagynyň artykdygyna görä, 18:2=9 alýarys. Diýmek, towuklar 9, towşanlar bolsa, 13 sany bolmaly. Jogaby: 13 towşan we 9 towuk.

Şu meselede 3-nji we 4-nji usullarda iň soňunda 26-ny we 18-i 2-ä bölmeli bolduk. Bu ýerde şol 2 san towuklaryň aýaklarynyň 2 sanydygy ýa-da towşanlaryňkydan 2 esse azlygy üçin däldir. Ol 2 san ýokarda görkezilişi ýaly, towşanlaryň we towuklaryň aýaklarynyň tapawudy hökmünde alynýar.

Biz bir üýtgeýän ululykly çyzykly deňlemä getirilýän tekstli meseleleri çözenimizde, adatça, deňleme düzüp çözmegi maksat edinýäris, emma olaryň käbiri deňleme düzmesiz has aňsat çözülýär.

**3-nji mesele.** Satyjy sebetdäki bar bolan hemme garalylaryň ýarysyny we ýene bir garalyny 1-nji alyja satypdyr, galanynyň ýarysyny we ýene birini 2-nji alyja satypdyr, indiki galanynyň ýarysyny we ýene 3 garalyny üçünji alyja satypdyr, şondan soň sebetde hiç zat galmandyr. Ilkibaşda sebetde näçe garaly bar eken?

**Çözülişleri:**

**1-nji usul:** Bir üýtgeýän ululykly çyzykly deňleme düzmek arkaly çözeliň.

1) Ilkibaşda, sebetde x garaly bar diýip belleýäris.

2) Şerte görä, 1-nji alyja $0{,}5x+1$ garaly satylypdyr. Sebetde bolsa, $x-(0{,}5x+1)$ ýa-da $0{,}5x-1$ garaly galar.

3) 2-nji alyja $0{,}5\cdot(0{,}5x-1)+1$ garaly ýa-da $0{,}25x+0{,}5$ garaly satylypdyr. Şondan soň sebetde $0{,}5x-1-(0{,}5\cdot(0{,}5x-1)+1)=0{,}25x-1{,}5$ garaly galar.

4) 3-nji alyja $0{,}5\cdot(0{,}25x-1{,}5)+3$ garaly ýa-da $0{,}125x+2{,}25$ garaly satylypdyr.

Meseläniň matematiki modeli:

$x=(0{,}5x+1)+(0{,}25x+0{,}5)+(0{,}125x+2{,}25)$ deňlemedir. Deňlemäni çözýäris: $x=0{,}875x+3{,}75$; ýa-da $0{,}125x=3{,}75$; $x=30$. Jogaby: 30 garaly. Deňlemäniň köki meseläniň şertini kanagatlandyrýar.

**2-nji usul:** Berlen meseläniň şertlerini tersinden öňüne yzarlap, deňleme düzmän çözeliň. Meseläniň soňky şertinde «...indiki galanynyň ýarysyny we ýene 3 garalyny 3-nji alyja satypdyr» diýilýär. Bu ýerde «ýarysy» diýilmeginiň özi 3 garalyny aňladýar, ýagny iň soňunda sebetde «galanynyň ýarysy» we 3 garaly galypdyr. Şeýlelikde, 1-nji we 2-nji alyjylara garaly satylyp, 3-nji alyja zat satylmanka, sebetde 3+3, ýagny 6 garaly bolan.

Indi 2-nji alyja zat satylmanka, sebetde näçe garaly bolandygyny anyklalyň. Bu barada meselede «...galanynyň ýarysyny we ýene birini 2-nji alyja satypdyr» diýlen şerti peýdalanýarys. Bu ýagdaýda galan garalynyň ýarysy 6+1-e, ýagny, 7-ä deňdir. Başgaça aýtsak, 2-nji alyja zat satylmanka, sebetde 7•2=14 garaly bolupdyr. Edil şu hili usul bilen 1-nji alyja zat berilmänkä, ilkibaşda, sebetde bar bolan garalynyň ýarysynyň 14+1, ýagny 15 garalydygyny bilip, ilkibaşda, sebetde 15•2=30 garaly bolandygyny kesgitleýäris. Jogaby: 30 garaly.

Käbir halatlarda bolsa, bu usullary tapmagy öý işi hökmünde hem tabşyrmak bolar.

Mahlasy, tekstli meseleler diňe bir didaktiki maksatlar üçin peýdalanylman, eýsem, okuwçylarda alan matematiki bilimlerini durmuşda ulanyp bilmek üçin hem zerurdyr.

**Nurmyrat GARRYJAÝEW,**
**Etrek etrabyndaky 6-njy orta mekdebiň mugallymy.**

# KÄMILLIGIŇ BERK BINÝADY

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe her bir günümiz şanly wakalara, uly üstünliklere beslenýär. Ýurdumyzyň bilim ulgamynda hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen giň gerimli işler alnyp barylýar. Ýaş nesliň halkara ülňülerine laýyk gelýän döwrebap bilim almagyna, saýlap alan hünärleri boýunça bilimlerini artdyrmaklaryna, ylmy we döredijilik işlerine höweslenmeklerine giň ýol açylýar.***

Häzirki wagtda eziz Diýarymyzda ata-babalarymyzyň umumadamzat ruhy gymmatlyklaryny özünde jemleýän ýörelgelerine we öňdebaryjy dünýä ülňülerine esaslanýan ýaşlar baradaky döwlet syýasaty üstünlikli amala aşyrylýar. Elbetde, okamak, öwrenmek, sport bilen meşgullanmak, döredijilikli we yhlasly zähmet çekmek bilen ata Watanymyzyň gülläp ösmegine mynasyp goşant goşmak, şeýle-de, abadan durmuşyň hatyrasyna kämillige gadam basmak bagtyýar nesillerimiziň baş maksady bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, eziz Diýarymyzda türkmen halkynyň baý medeni mirasyny, milli gymmatlyklaryny we däp-dessurlaryny wagyz etmek arkaly bilimli, terbiýeli, sagdyn nesil üçin maksatnamalaýyn işler yzygiderli amala aşyrylýar.

Berkarar döwletimizde nesil terbiýesine uly ähmiýet berilýär. Kämil nesli terbiýeläp ýetişdirmekde maşgalanyň, jemgyýetiň uly jogapkärçiligi bar. Mekdebe çenli çagalar edaralaryndan başlap, umumybilim berýän orta, ýörite orta we ýokary hünär okuw mekdepleri hem terbiýäniň möhüm ojaklarydyr. Esasan hem, orta mekdeplerde okuwçylaryň mekdepden boş wagtlaryny peýdaly geçirmekleri üçin ähli şertler bar. Bilimiňi, düşünjäňi artdyrmak üçin kitaphanalarda kitap okamak, dil merkezlerinde daşary ýurt dillerini öwrenmek, saglygyňy berkitmek üçin sport toplumlarynda sport bilen meşgullanmak, hünär öwrenmek üçin çagalar we ýetginjekler döredijilik öýlerinde ýörite gurnaklarda el hünärlerini öwrenmek üçin ähli mümkinçilikler döredilen. Ösüp gelýän ýaş nesliň bilimli, ahlakly, watansöýüji, ilhalar, giň gözýetimli, hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösen, kämil şahsyýetler bolup kemala gelmekleri üçin mekdep bilen maşgala sazlaşykly aragatnaşyk saklap, bilelikde tagalla edýärler. Şeýlelikde, oňyn netijeler gazanylýar, okuwçy ýaşlarymyzyň ders bäsleşiklerine, sport ýaryşlaryna, medeni çärelere gatnaşyp gazanýan üstünlikleri örän buýsandyryjy. Ýurdumyzyň bilim ulgamyny ösdürmek, ýaş nesliň döwrebap ylym-bilim almagy, ökde hünärmenler bolup ýetişmegi üçin ähli mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, beýik işleri rowaçlyklara beslensin!



**Jahan ESENOWA,**
**Mary etrabyndaky daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 2-nji orta mekdebiň müdiri.**

# ASYLLY TERBIÝÄNIŇ ÄHMIÝETI

***Halkymyz asyrlarboýy ýaş nesilleri Watan, ene toprak, mili miras ýaly mukaddesliklere hormat goýmak ruhunda terbiýeläp gelýär. Bu ýörelge Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe mynasyp dowam edýär. Asyrlaryň synagyndan geçen milli terbiýe mekdebi esasynda kemala gelýän ýaş nesiller ruhy we beden taýdan sagdyn, kämil şahsyýetler bolup ýetişýärler. Halkymyz ýaşlara döwletiň esasy daýanjy, nurana geljegimiziň eýeleri hökmünde garaýar, şonuň esasynda hem olaryň Watanymyzy mundan beýläk-de ösdürjek şahsyýetler bolup ýetişmekleri üçin ähli şertler döredilýär.***

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan hem-de hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda durmuşa geçirilýän ynsanperwer döwlet syýasatynda ýurdumyzyň geljegi hasaplanýan ýaş nesliň kämilligini gazanmak, olaryň hemmetaraplaýyn ösmegi üçin ähli mümkinçilikleri döretmek esasy wezipeleriň biri hökmünde kesgitlendi. Şunuň bilen baglylykda, ýaşlarda ruhy-ahlak gymmatlyklaryny we sagdyn durmuş ýörelgelerini kemala getirmäge, ýaş nesli watançylyga, ynsanperwerlige we zähmetsöýerlige mahsus ruhda terbiýelemäge aýratyn üns berilýär. Şunda Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň watanperwerlige ýugrulan ajaýyp eserleri gymmatly gollanma bolup hyzmat edýär.

Hususan-da, Gahryman Arkadagymyz «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» atly kitabynda şeýle beýan edýär: «Ýiti akyly bolan, pähimli oýlanmagy başarýan nesiller döwrüň zerurlygyna aýdyň düşünip bilýärler. Akylly ogulgyzlar Watan gymmatlygynyň mynasyna aýdyň düşünýän pähimdarlaryň nesilleridir. Geljegimize ynamlylygymyz watançy, akylly-başly oýlanyp bilýän ýaşlarymyza baglydyr». Bu parasatly jümlelerden hem görnüşi ýaly, Gahryman Arkadagymyz ýaşlara uly ynam bildirýär, Watanymyzyň geljekki ösüşlerini ýaşlarda görýär. Türkmen ýaşlary hem bu beýik ynamy ödemek üçin zähmet çekýärler, okaýarlar, döredýärler.

Hormatly Prezidentimiz «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabynda: «Asylly ýol-ýörelgeleri mynasyp dowam etdirýän ýaşlar beýik işleri başarýandyr» diýip, berkarar Watanymyzyň geljekki ösüşleriniň ýaşlarymyzyň ukyp-başarnyklaryna baglydygyny, şonuň üçin olaryň ýaşlykdan bilim, hünär öwrenmeklerini gymmatly durmuş sargydy hökmünde ýaşlarymyza öwüt edýär. Bagtyýar ýaşlar hormatly Prezidentimiziň beýik ynamyna hem-de özleri hakynda döwlet derejesindäki aladalara jogap edip, Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzyň mundan beýläk hem gülläp ösmegi, Watanymyzyň şan-şöhratynyň we halkara abraýynyň has-da belent derejelere göterilmegi üçin yhlaslaryny gaýgyrmaýarlar.

Umuman, häzirki döwürde ýaş nesillere döwrebap bilim öwretmek, milli ruhda terbiýelemek işleri üstünlikli alnyp barylýar. Şeýle asylly işleriň durmuşa geçirilmegi üçin ähli mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden buýsanjymyzy beýan edýäris.

**Merdan ÝURDAMANOW,**
**Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäher geňeşiniň bölüm müdiri.**

# DÖWREBAP BILIM ÖZGERTMELERI

***Häzirki wagtda Diýarymyzyň bilim ojaklarynda öňdebaryjy tehnologiýalaryň mümkinçilikleri işjeň peýdalanylýar. Döwrebap okuw enjamlary bilen üpjün edilen bilim-terbiýeçilik edaralarynda işine ussat hünärmenleri taýýarlamak üçin ähli zerur şertler döredilýär. Bu ugurda ýaş nesliň döwrebap bilim-terbiýe almagy, hünär öwrenmegi, ylma we döredijilige ugrukmagy, Watana, halka, ata-babalarymyzyň ýol-ýörelgelerine wepaly nesiller hökmünde kemala gelmegi üçin uly işler amala aşyrylýar.***

Bilim ulgamyny kämilleşdirmek jemgyýetiň ruhy, durmuş, ykdysady we medeni ösüşiniň binýady bolup durýar. Her ýyl Diýarymyzda täze bina edilýän ýokary we orta bilim berýän okuw mekdepleri özleriniň gapylaryny giňden açýar. Bu dünýä ülňülerine laýyk gelýän bilim ojaklarynda talyplar we mekdep okuwçylary ylmyň iň ýokary derejesindäki kompýuter, multimedia tehnologiýalary bilen üpjün edilen okuw otaglarynda ylym-bilimlerini has-da ösdürmäge giň mümkinçilik alýarlar.



Munuň şeýledigine 2025-2026-njy okuw ýylynyň ilkinji gününde ýurdumyzyň dürli künjeginde täze bilim ojaklarynyň dabaraly açylyp ulanylmaga berilmegi hem doly şaýatlyk edýär. Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda paýtagtymyzda Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň açylyş dabarasy boldy. Şeýle hem Mary şäherinde Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň goşmaça binalar toplumy açylyp ulanylmaga berildi.

Ýurdumyzyň ähli künjeklerinde ulanylmaga berilýän täze, döwrebap bilim ojaklarynyň ählisinde bolşy ýaly, biziň mekdebimiziň hem häzirki zamanyň ösen innowasion tehnologiýalary bilen doly enjamlaşdyrylmagy ýaşlara döwrebap derejede bilim almaga uly ýardam edip, ýurdumyzda sanly bilim ulgamynyň durmuşa geçirilýändigini aýdyň görkezýär.

Täze mekdebimizde eziz Watanymyzyň röwşen geljegi bolan bagtyýar ýaşlaryň gowy okamagy, öwrenmegi we giň dünýägaraýyşly, watansöýüji, arassa ahlakly ýaşlar bolup ýetişmekleri üçin ähli mümkinçilikler we döwrebap şertler bar. Biz bu döredilýän mümkinçiliklerden netijeli peýdalanyp, gujur-gaýratymyzy gaýgyrman, ata Watanymyza, mähriban halkymyza, Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza wepaly bagtyýar ýaşlara döwrebap bilim-terbiýe bermekde ak ýürekden zähmet çekýäris.

Türkmen ýaşlarynyň ylymly, bilimli, giň dünýägaraýyşly bolmagy üçin şeýle uly mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Hatyja ABDYSEMENDOWA,**
**Aşgabat şäherindäki 8-nji orta mekdebiň müdiriniň okuw işleri boýunça orunbasary.**

# Nusgawy edebiýat we aýdym-saz sungaty

Ýurdumyzyň umumybilim berýän orta mekdeplerinde sapaklary talabalaýyk we döwrebap usulda guramak üçin bilim işgärlerine okadýan dersini oňat bilmek bilen birlikde, işine döredijilikli çemeleşmek hem zerur bolup durýar. Edebiýat sapaklarynda okuwçylara şahyrana hem şahandaz halkymyzyň döreden, edebi mirasymyz bolan halk döredijilik eserleri, dessanlar, şadessanlar, romanlar, powestdir poemalar, hekaýalardyr goşgular öwredilýär. Edebiýat sapagy beýleki dersleriň birnäçesi bilen özara baglanyşdyrylyp guralanda has-da täsirli bolýar. Esasan hem, aýdym-saz dersiniň edebiýat sapagy bilen aýratyn baglanyşygy bar. Türkmen halkymyz durmuş pursatlary bilen baglanyşykly goşgy goşup, gazal düzmäge ýykgyn edipdir. Olardan hem aýdym-saz döredip, ýürek owazlaryny beýan edipdir. Şeýlelikde, sünnäläp, timarlap, ajaýyp halk döredijilik eserlerini döredipdir. Ol eserler halkymyzyň gymmatly edebi hem medeni mirasydyr.

7-nji synpda «Nejepoglan» dessany, 8-nji synpda «Görogly» şadessanynyň «Harmandäli» şahasy ýa-da «Şasenem-Garyp» dessany ýaly temalar geçilende, dessany gürrüň bermek bilen, onuň içindäki goşgulary hem okuwçylara ýatdan öwretmek üçin Nejep bilen



Aşyk Aýdyň piriň, Harmandäli bilen Göroglynyň, Şasenem bilen Garybyň aýdyşyk goşgularyny heňe salyp, aýdym edip aýtdyrmak usuly okuwçylaryň sözleýşini, ýatkeşligini ösdürmek bilen birlikde, aýdym aýtmaga bolan ukybyny açmaga-da mümkinçilik döredýär.

Sapagyň dowamynda audioýazgy arkaly bagşylaryň ýerine ýetirmeginde halk aýdymlaryny eşitdirýäris. Bu bolsa okuwçylara aýdymyň sözleri bilen birlikde, onuň sazyny, ýagny heňini öwrenmäge ýardam edýär. Türkmen dessanlary asyrlarboýy aýdylyp gelinýär. Şonuň ýaly-da, nusgawy edebiýatymyzyň görnükli wekilleriniň şygyrlaryna bagşylarymyzyň ýerine ýetirýän aýdymlary halk tarapyndan uly höwes bilen diňlenip gelinýär. Ol aýdymlarda halkyň kalbynyň owazy bar.

Edebiýat we aýdym-saz sungaty aýrylmaz baglanyşykly bolup, halkymyz tarapyndan asyrlaryň dowamynda kämilleşdirilendigi, häzirki ajaýyp döwrümizde giňden ösdürilendigi barada maglumatlar arkaly giňişleýin gürrüň berýäris.

Milli mirasymyza uly sarpa goýýan türkmen halky saz gurallaryna hem uly mukaddeslik hökmünde garaýar. Dutar-gyjagyny aýap, ony gözüniň göreji deý saklap, mukaddes miras hökmünde nesilden-nesle geçirýär. Adamzadyň köpasyrlyk taryhynda aýdym-saz ynsanyň hemişelik hemrasy bolupdyr. Adam öz içki joşgunyny aýdymsazyň üsti bilen çeper beýan etmegi başarýar. Aýdym-saz sungatymyz, edebiýatymyz uzak taryhy ýoly geçip, kämilleşip, biziň günlerimize gelip ýetmek bilen, medeni mirasymyzyň aýrylmaz bölegine öwrüldi.

**Gülşat DAŇATAROWA,**
**Gyzylarbat etrabyndaky daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 19-njy orta mekdebiň mugallymy.**

# GYŞ PASLYNDA SAGLYGYMYZY GORALYŇ!

- *Gyş paslynda möwsümleýin döreýän ýiti respirator ýokanç kesellerinden goranmaly.*
- *Sagdyn durmuş ýörelgelerini berjaý etmeli, bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaly.*
- *Şahsy we jemgyýetçilik arassaçylyk tertip-düzgünlerini berk berjaý etmeli.*
- *Iş ýeriňizde we öýüňizde otaglaryň howasynyň arassa bolmagyny gazanmaly.*
- *Otagda üzärlik tütetmeli we çygly arassalaýyş işlerini yzygiderli geçirip durmaly.*
- *Sowuk, şemally howada adamyň başy ýyly ýaglyk ýa-da başgap bilen örtülen bolmaly. Kiçi ýaşly çagalaryň ýeke özüniň köçä çykmagyna ýol bermeli däl, gartaşan adamlar bolsa seresaply bolmaly.*
- *Möwsümleýin keselleriň öňüni almak üçin keseliň ilkinji alamatlary ýüze çykan ýagdaýynda, hökman maşgala lukmanyna ýüz tutmaly.*



- *Özbaşdak derman serişdelerini ulanmakdan saklanmaly.*
- *Witaminlere baý bolan gök we bakja önümlerini iýmeli.*
- *Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynda beýan edilýän dermanlyk ösümliklerinden taýýarlanylan melhemlik çaýlary maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp, yzygiderli içmeli.*
- *Möwsümleýin keselleriň öňüni alyş sanjymlaryny maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp almaly.*

**Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.**

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR

MUGALLYMLAR GAZETI

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Baş redaktor
Söhbet NURBERDIÝEW

BIZIŇ SALGYMYZ:
Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly-100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.



TELEFONLARYMYZ:
kabulhana — 38-61-53; jogapkär kätip — 39-96-40.
E-mail: mugallymlar-gazeti@sanly.tm
BÖLÜMLER:
syýasat — 39-96-39; milli miras we edebiýat — 39-96-45; orta bilim we terbiýeçilik işi — 39-96-47; ylym, ýokary we ýörite orta okuw mekdepleri — 39-96-42; habarçy hatlar — 39-96-48; kompýuter merkezi — 39-96-43; faks — 38-61-45.

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň duşenbe, çarşenbe günleri çykýar.

SANY - 18400.

4833001500073

Bahasy 30 teňňe.

Indeksi — 69452. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A2, möçberi 2 ç.k. A-117952

Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.